# Kölegäm

Category: Goşgular,Kitapcy
написано kitapcy | 24 января, 2025
Kölegäm KÖLEGÄM



Bir zat berilýän bolsa,

Her Saba dilegime,
Dünýäni döreden Tañryñ,
Öwrülip Melegine,
Çöllerde ýol ýitirip,
Jöwzada jowranany,
Hazan uran ýelleriñ,
Saman deý sowranyny,
Bir gysym gowurga deý,
Durmuşyñ gowranyny,
Kelep ujyn ýitirse-de,
Mertleriñ dogranyny,
Sygdyrasym gelýä meñ,
Kiçijik kölegäme.
Ýöne,
Dilegem,
Melegem,
Aýlap bilmez tersine,
Äpet çarhyn Pelegiñ.
Şonda-da,
Diñe Haka sygyna,
Saýa bolar kölegäm,
Ganatyma sygana.
Gyzylgül ANNAGYLYJOWA. Goşgular